# Ýaş göwünli goja halypa

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 25 января, 2025
Ýaş göwünli goja halypa ÝAŞ GÖWÜNLI GOJA HALYPA




Meniň galama ýapyşmagyma şu ýylyň 9-njy iýunynda «Balkan» gazetinde çap edilen «Diwar gazetinden bat alan hyýal» atly makala sebäp boldy. Awtor makalany: «Eýsem-de, meniň hyýalym amal boldumyka?! Muny men däl-de, ýazýanlarymy okaýan okyjylar kesgitlär…» diýip jemleýär. Men bolsa oňa: «Siziň sary ýaýdan çekip atan «peýkamlaryňyzyň» ählisi nyşana degdi. Siziň hyýalyňyz aňryýany bilen amala aşypdyr. Galamyň gowşamasyn, halypa!» diýip gutlasym gelýär.
Segsen alty ýaşyň içindäki bu goja žurnalist Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy, «Gaýrat» medalynyň eýesi, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijisi, «Türkmenistanyň at gazanan mugallymy», mirasgär Hojagylyç Nazarowdyr. Onuň durmuşyň täsin wakalary, adam ykballary bilen baglanyşykly ýazan hekaýalary, makalalary, oçerkleri, goşgulary döwürleýin neşirlerde häli-şindi çap edilýär. Men olary ýarym asyra golaý wagt bäri okaýaryn. «Sowet edebiýaty» (häzirki «Garagum») žurnalynda çap edilen «Tamaranyň doglan güni», «Humarala» atly hekaýalary-ha häli-häzirem sözme-söz diýen ýaly ýadymda.
Manyly ömrüniň agramly bölegini oba mekdebinde himiýa-biologiýa mugallymy bolup geçiren Hojagylyç Nazarow çarwa

durmuşyna has belet. Şonuň üçinem tomsuň epgeginde, gyşyň aňzagynda çölde mal yzynda çopançylyk eden ýazyjy owlak-guzy, göle-köşek alaýmagyň giden bir ylymdygyny talapkär okyjynyň aňyna sünnäläp ýetirýär. Ol türkmeniň däp-dessuryna, edim-gylymyna, girim-çykymyna ýiti synçylyk bilen garaýar. Goňşuçylyk, guda garyndaş gatnaşyklary, myhman hormaty, söwda-satygyň ynsap kadalary, ynsan häsiýetiniň nusga alarlyk taraplary onuň döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýär.
Hojagylyç Nazarowyň döreden eserleri dürli ýyllarda «Zähmet baýdagy», «Halk sesi», «Mugallymlar gazeti», «Edebiýat we sungat», «Balkan» gazetlerinde, «Diýar» žurnalynda çap edildi. Biz halypa döredijilik üstünliklerini, uzak ýaş arzuw edýäris.
Röwşen TAGANOW, şahyr.

*Çeşmesi: “Edebiýat we sungat” gazeti, 09.12.2022ý.* Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly